# Aby Haýatym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Aby Haýatym Seýit Ymadutdin NESIMI

▶ ABY HAÝATYM

Fazlym menim, eý Hyzrym we hem aby haýatym,
Şemsim menim, eý bedrim we saçy zulmatym.

Serwim, çemenim bagu bahar ile hezarym,
Tutym, şekerim, şähdim we gant ile nabatym.

Ruzum we şebim aýu ýylym hefte we günüm,
Nowruzymu aýydym, dilegim we gadru beratym.

Kuranym we hikemim, hädisim, şerhu beýanym,
Ylmym, amalym, zikrim we sowy ile salatym.

Yslamym we hem küfrüm we imanemu dinim,
Şahym, şerefim şerhi, jeýbim, salawatym.

Takwam ile zohdum, edebim, hilmu halylym,
Talkynumu towbam, talabym, hatu zekatym.

Häşr ile hasabym ýene mizan syratym,
Ihsanumy lutfum keremim hesenatym.

Hennan ile mennanym, Merwäm we Safahym,
Hem zemzem ile kyblam we Käbäm, Arafatym.

Magbudymu maksudym, matlubumu kasdym,
Zahyrumu batynym we zat ile syfatym.

Hem merkez ile kowkeb we burj ile medarym,
Seýýarymu çarhym, felekim, seýru sebatym.

Filjümle bu nutk ile kelamyn eý, Nesimi,
Afakym we enfüsüm we erkanu jihatym. Goşgular